# Eşek adasy

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Eşek adasy EŞEK ADASY

On ýyl mundan öň…
Yrakda gan boýdan aşýardy.
El-Ambar raýonynda gulluk edýän amerikaly polkownik Jon Falsom weýran bolan binalaryň arasyndan agyr ýaralanan eşek tapdy.
Görgüli eşek gany köp akyp, hemem açlykdan ýaňa ölmäniň bäri ýanynda durdy.
Dessine weterinar lukman çagyryldy, eşek göçme gospitalda operasiýa edildi. Eşek diri galdy.
Çal reňkli eşege "Mister Smoke"ady berildi. Mister Smoke garnizonyň maskot-talismanyna öwrüldi.
Adam öldüre-öldüre adamkärçilikden çykan amerikan esgerleri eşegiň arkasyndan durmuşa dolandylar. Eşek bilen ýadygärlik surata düşüp, kakalarynyň ýoluna sabyrsyzlyk bilen garaşýan çagajyklaryna ugratdylar.
Esgerleriň çagajyklary-da bu göze gelüwlije suratlary özleriniň sosial mediýadaky hasaplarynda goýdular.
Gazetlere gepbaşy tapyldy, gazetleriň birinji sahypasy eşekli makalalardan ýaňa hyň berdi.
Eşek şan-şöhratyň çür depesine çykdy.
Mahabat suratlary ýaýrady, şortileri çykaryldy, oýunjaklary, znaçoklary ýasaldy.
Eşek amerikan esgerleriniň we olaryň maşgalalarynyň, urşuň ýykgynçylykly peýzažy bilen sarsan amerikan jemgyýetiniň moral taýdan tekgesine öwrüldi.
Haýwanlara garşy zulmuň öňüni almak fondy ara girdi, "Mister Smokäni ABŞ-na getireliň, uruş weteranlarynyň we olaryň çagalarynyň reabilitasion merkezine ýerleşdireliň, terapiýada ulanalyň" diýdiler.
Pentagona sala salyndy.
Propoganda bolsa, Pentagonyňam gözi açylýardy. Asyl oňa gerek zat hem şody.

Şonuñ üçin gyssagly ýagdaýda eşegiñ urşuñ arasyndan çykarylyp, "azatlyklar ýurduna" getirmek üçin görkezme berildi.
Edil şol wagtam bir yrakly daýhan orta çykdy-da, "eşek meniñ eşegim, özüme gaýdyp beriñ" diýse näme.
Al, saña gerek bolsa!..
Amerikanlar daýhany yrza etmek üçin araçy hökmünde özlerine gulluk edýän bir şeýhi ugratdylar.
Şeýh daýhany ýanyna çagyrdy.
“Sogap bor, ber eşegi!” diýdi.
Daýhanyñ sogap tarifi belli zat: "30 müñ dollar bersinler, eşegi bereýin, alan pulumyñ ýarsynam saña bereýin" diýdi.
Teklip şeýhiñ gulagyna ýarady.
Ol daýhany ýanyna alyp, polkownigiñ ýanyna gitdi: "30 müñ dollar beriñ-de, eşegi alaýyñ" diýdi.
Öñdenem kellesi sämäp duran polkownik eşekli mesele gereginden artyk uzanyna jyny atlandymy nämemi: "ýa-ha eşegi gepsiz-gürrüñsiz berersiñiz, ýa-da ikiñizi duran ýeriñizde gömerin!" diýip, haýbat atdy.
Şeýh bilen daýhan şobada razy boldy!
Eşegi sowgat berdiler.
Şeýlelikde, eşegiñ erkinlik syýahatynyñ öñünde hiç hili päsgelçilik galmady.
Erbile getirdiler.
Şol ýerden Türkiýä salnyp, Injirlikden ABŞ-na uçmalydy.
Muña, "hormatly hökümetimiz" garşylyk görkezse näme"!..
Ekerançylyk ministrligimiz "eşekde kesel bar bolsa, biziñ eşeklerimize-de ýokuşar, şonuñ üçin ony ýurda salmaga rugsat berip bilmeris" diýdi.
Eşekli krizis ýigrimi bir güne çekdi.
Amerikanlaryñ kellämize halta geýdirmesine demini çykarmadyk "hormatly hökümetimiz" eşekli meselede dik gaýyşýardy!
Netijede amerikan ilçihanasy ara girdi, diplomatik dilde: "gapyny derhal açyñ, ýogsam biz ony açmagyñ ýoluny taparys" diýdiler.
Biziñkileriñ ýelkenleri suwa iniberdi, gapyny açdylar.
Amerikalaryñ gahary gelipdi, olar eşegi Injirlikden harby uçar bilen ugratmagy goýbolsun etdiler, bilgeşleýin gözümize dürte-

dürte Stambula getirdiler, gözümiziñ alnynda Atatürk howa menzilinden raýat uçaryna mündürip, Amerika ugratdylar.
Eşek ilki Nýu-Ýorka, ol ýerdenem Nebraska uçdy.
Eşek sosial medýanyñ fenomenine öwrüldi.
Telegepleşiklere çykaryldy.
Animasion filmine çenli surata düşürildi.
Reabilitasion merkezinde ýaraly göwünlere melhem boldy, 2012-nji ýylda ölýänçä uruş weteranlarynyñ çagalarynyñ azajygam bolsa göwünlerini awlady, maşgalalara psihologik güýç berdi.
Ölende-de edil medally gahrymanlar deýin uly dabara bilen, harby çäre gurnalyp jaýlandy.
Ynha, şeýdip… Yrakda ýumurtga togalabermeli eden, bir million yraklyny gözüni gyrpman öldüren amerikanlar yraklylaryñ eşegini halas edip, bütün ýer ýüzüne "adamkärçiligiñ belent nusgasyny" görkezdiler.
On ýyl geçensoñ, şu hepde…
Gresiýanyñ Prezidenti Katerina Sakelaropulu Aýdyn Didimiñ dik garşysyndaky Eşek adasynda resmi saparda boldy.
Ol bary-ýogy iki aý öñ bu wezipä saýlanyp, Gresiýanyñ ilkinji zenan Prezidenti bolupdy, onuñ ilkinji resmi sapary hem Eşek adasyna boldy.
(Türkiýedäki başyñy-gözüñi aýlaýjy gündelik habarlardan ýaña ýazmaga elimem degmedi welin, ýazmasam eşeklik bordy.)
Eşek adasy Türkiýäniñ ýeridir.
Stambul Büýükadadan iki esse uly ada "eýeçiligi şertnama esasynda haýsydyr bir döwletiñ garamagyna geçirilmedik adajyk" statusyndadyr.
Adanyñ Türkiýä degişlidigini subut edýän halkara kartalar bar.
Türkiýäniñ ýeridigini görkezýän amerikan we iñlis resminamalary bar.
Muña garamazdan Gresiýa adany göz-görtele basyp aldy.
Harby baza gurdular, häkimligiñ, mekdebiñ binasyny açdylar, buthana gurdular, ilat göçürip getirdiler, hatda türme hem gurdular, Türkiýeden grek adalaryna geçen bosgunlary ele salyp, bosgunlar üçin gurlan bu türmä dykýarlar.
Hem öz halkynyñ göwnüni galkyndyrmak üçin, hemem Türkiýä göz görkezmek üçin Eşek adasyna wertolýot bilen gelen Gresiýanyñ

Prezidenti harby dabara bilen garşylandy.
Ol Eşek adasynyň ýatlama kitabyna şulary ýazdy:
“Adanyň hormatly raýatlygyna kabul edilendigim üçin minnetdarlyk bildirýärin, bu ada Gresiýanyň aýrylmaz bölegidir, biz öz häkimiýetlik hak-hukuklarymyzdan hiç haçanam el çekmekçi däldiris, döwletimiziň topraklaryny hiç kime bermeris!”
(Baryp-ha Fizana goşun ugratmak üçin Liwiýa kararnamasyny taýýarlan "hormatly hökümetimiziň" demi-düýdi çykmady…
Aklawjylar kollegiýasyny bölmek bilen, harby çin üçin tölenýän puly ýok etmek bilen, sosial medýany gadagan etmek bilen garabaşyna gaýdyklary üçin Eşek adasynda nämeleriň bolup-geçýändigini görmäge wagtlary bolmady öýdýän!)
Ynha, bir saýry ýurtly başga bir saýry ýurtlynyň eşegine şeýdip arka durýar.
Eşekleri ynjytmak islämok, emma, eger hakykatdanam döwletiň we halkyň aladasyny edýän bolsak, mundan beter eşeklik etmeli dälmikä diýýärin!

Ýylmaz ÖZDIL.

"SÖZCÜ" gazeti, 05.07.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniň talyby. Publisistika